# Etrabym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Etrabym ETRABYM

Aýdym-saz mekany, seri salamat,
Bir ýany Ýarajy, bir çet Ymarat,
“Kyrk gyzmy”, “Gyz Bibi”, kändir keramat.
Entek ýazylmadyk gat-gat kitabym,
Bäherdenim, jigerbendim-etrabym!

Aýakýalaň döwrüm goýnuňda geçdi,
Gezdim Garrynohur, Mürçe hem Deşti,
Öpsem topragyňy, söýsem bu keşbi!
Barlygyň baýlygym, Gumum hem Dagym,
Bäherdenim, jigerbendim-etrabym!

Şaja Batyr, şahyr Garaň yhlasy,
Hem aýdymy Orazgeldi Ylýasyň,
Pürli Sarysyň sen, Hoja Annasyň!
Ägirtler mesgeni, meşhurdyr adyň,
Bäherdenim, jigerbendim-etrabym!

Ilkinji ädimin üstüňden ätlän,
Seýitnur Ata, Annaberdi Atdan,
Sanardan kän perzent, duzuňy haklan.
Barlygyň bilendir güýç-kuwwat, tabym,
Bäherdenim, jigerbendim-etrabym!

Keteniň bar, öňdeligi bermeýär,
Dokan halylaryň nämä degmeýär?!
Şypaly Arçmanyň iç gysdyrmaýar!
Saýlan ýoluň eşret, dowam et badyň,
Bäherdenim, jigerbendim-etrabym!

2003 ý. Goşgular